# «Garagol oglanyñ» «garagolluklary»

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Garagol oglanyñ" "garagolluklary" «GARAGOL OGLANYÑ» «GARAGOLLUKLARY»




Demirgazyk Koreýanyñ döwlet ýolbaşçysy Kim Jong-Unyñ «korrupsionerlikde» aýyplanýan Goranmak ministri Ri Ýoung-Gile ölüm jezasyny berendigi orta atyldy.
Iñlisleriñ «Independent» gazeti muny Günorta Koreýanyñ «Yonhap» habarlar agentliginiñ habaryna esaslandyrdy. «Yonhap»-yñ habar bermegine görä Demirgazyk Koreýanyñ döwlet ýolbaşçysy Kim Jong-Un 2013-nji ýylyñ awgust aýyndan bäri Goranmak ministri wezipesinde oturan general Ri Ýoung-Gil «parahorlukda» aýyplap, ölüm bilen jezalandyrdy.
Demirgazyk Koreýanyñ syýasy režiminiñ ýagdaýyny içgin bilýän başga bir çeşmäniñ berýän habarynda general Ri Ýoung-Giliñ «wezipe ygtyýarlygyndan hyýanatçylykly peýdalanmakda» aýyplanyp bir aýyñ içinde sud edilendigi aýdylýar.
General Riniñ ýakynda uzak aralyga atylýan raketalaryñ synag edilmeginiñ şanyna guralan dabaralara we häkimiýetdäki partiýanyñ goşun bilen bilelikdw guraýan toplanşyklaryna

gatnaşmazlygy hem ýokarda öňe sürülenleriň dogrudygyna güwä geçýär. Döwletiň «saýasyndaky» «Rodong Sinmun» gazeti-de çärelere gatnaşanlaryň sanawynda Riniň ýerine Howpsuzlyk ministri general Ri Mýong-Sunyň adyny çap etdi.
Demirgazyk Koreýanyň Goranmak ministri Ri Ýoung-Giliň 2014-nji ýyldan bäri Kim Jong-Unyň gözünden düşendigi orta atylýar.
Koreýa Halk Goşunlarynyň hereketi ministri wezipesine 2014-nji ýylyň mart aýynda bellenen general Pýon In-Sonuň ölüm jezasy berlen general Ri Ýoung-Giliň kürsüsine oturdylandygy aýdylýar.
Kakasy Kim Jong-Iliň 2011-nji ýylda aradan çykmasyndan soň häkimiýeti ele alan Kim Jong-Un mundan öň arasynda agasynyň hem bolan birnäçe ýokary wezipeli işgärleri ölüm bilen jezalandyrypdy.

- **Kim Jong-Il ýeňňesini-de zäherläp öldürdi**

Demirgyk Koreýanyň döwlet ýolbaşçysy Kim Jong-Iliň 2014-nji ýylda Kim Kýong Huini zäherläp öldürendigi hem orta atylýar.
Demirgazyk Koreýanyň syýasy režimine onlarça ýyl hyzmat eden ýokary wezipeli işgärleriň biri ýurtdan gaçyp gidenden soň Amerikanyň «CNN» teleýaýlymynda çykyş etdi. Koreýanyň paýtagty Phenýandaky garyndaşlaryna zyýan ýetmezligi hakyky at-familiýasyny aýan etmek islemän «Park» lakamyny ulanan ol işgär Kim Jong Un-yň 2014-nji ýylyň maý aýynda ýeňňesi Kim Kýong Huini zäherläp öldürdendigini paş etdi.
«Park» lakamly işgär «2014-nji ýylyň 5-6-njy maýynda ýeňňesini zäherletdi. Muny diňe onuň aýratyn goragyny üpjün edýän «974» birligi bilýärdi. Emma indi ýokary wezipeli işgärler hem mundan habarly» diýdi.
Kakasynyň ölüminden soň häkimiýete gelen Kim Jong-Un ýeňňesi Kim Kýong Huiniň adamsy Jang Song Taek bilen aralarynda düşünişmezlik döräp, ony güllä düzüpdi. Kim Jong Taekiň ölüminden soň ýeňňesini-de «ýumdurmagy» makul bildi.
Günorta Koreýanyň «Chosun Ilbo» gazetiniň 2014-nji ýyldaky sanlarynyň birinde Kim Jongyň ýeňňesi Kim Kýong Huiniň aradan çykandygyny habar beripdi. Gazet Huiniň ölüm sebäbini «öz janyna kast etmek» diýip ýazypdy.
Demirgazyk Koreýanyň döwlet ýolbaşçysy Kim Jong-Un syýasy režimiň ikinji belgili adamy we ýeňňesiniň adamsy bolan Jang

Song Taeki 2013-nji ýylyñ dekabr aýynda öldüripdi.
Ol Kommunistik partiýanyñ ýygnagynda esgerleriñ okuna tutulypdy…

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar